# Şriftiň (harpyň ýazylyş usulynyň) görnüşini we ýazylyşyny kesgitlemek

Category: Kitapcy,Ylym we tehnologiýa
написано kitapcy | 26 января, 2025
Şriftiň (harpyň ýazylyş usulynyň) görnüşini we ýazylyşyny kesgitlemek ŞRIFTIŇ (HARPYŇ ÝAZYLYŞ USULYNYŇ) GÖRNÜŞINI we ÝAZYLYŞYNY KESGITLEMEK




1. Gurallar panelindäki Главная menýunyň Шрифт (2.4-nji surat) penjirejiginde açylan sanawda onuň doly ýygymy (garnitury) berilýär, Размер шрифта sanawda şriftiň ölçegi kesgitlenýär, düwmejikler olaryň ýazylyşyny üýtgedýär.
2. Formatlaşdyrma gurallary bilen alyp bolmaýan netijeleri Şrift gepleşik penjirede döretmek mümkin, ony Главная menýunyň Шрифт gurallar paneliniň Шрифт gepleşik penjiresini ( şol panelde belgijige basmaly) açmak bilen ýa-da gapdal menýuda (syçanyň sag gulagyna basylanda gapdal menýunyň açylýandygyny bilýäris) Шрифт… bilen açyp bolýar.
Шрифт goýundyda Подчёркивание sanaw, tekstiň aşagyny adaty däl

görnüşde çyzmaga mümkinçilik berýär (Mysal üçin: iki gat, tolkun we ş.m. çyzyklar bilen). Tekstiň şekillendiriş reňkini Цвет подчёркивание sanawdan üýtgedip bolýar.
Видоизменение panelinde teksti bezemegiň adaty däl netijelerini döredip bolýar.
3. Дополнительно goýundynyň Интервал sanawyň dolandyryjy elementleri simwollaryň aralygyny (tekst syk ýa-da ýaýraň) üýtgetmäge mümkinçilik berýär.




Teksti deňlemek. Абзац gurallar panelinde degişli düwmejige basmak arkaly teksti deňlemek bolýar.
Bellik. düwmejikden (çep gapdaldan, merkezden, sag gapdaldan, inligine) diňe biri basylan ýagdaýynda bolýar.
Abzaslary formatlaşdyrmak:

1. Abzasy doly formatlaşdyrmak üçin, Абзац gepleşik penjiresi ulanylýar (2.5-nji surat), ony Главная menýunyň Абзац gurallar paneliniň Абзац gepleşik penjiresini ( şol panelde belgijige

basmaly) açmak bilen ýa-da gapdal menýuda Абзац… bilen açmak bolýar.
2. Отступы и Интервал goýundyda abzaslaryň deňlenilişi we olaryň dokumentiň akymynda ýerleşişi kesgitlenýär.
3. Выравнывание sanawda teksti deňlemegiň usullaryny bermek bolýar. Уровень sanawda tekstiň umumy gurluşynda abzasy deňlemegiň mümkin bolan derejeleri görkezilýär.
4. Отступ panelde abzasyň çep ýa-da sag kenarlarynyň, sahypanyň çep ýa-da sag¬ çäginden daşlygy kesgitlenýär.
5. Первая строка atly açylan sanawda “başky setiriň” barlygy we ölçegi berilýär.
6. Интервал paneli abzaslaryň aralygyny, şeýle hem berlen abzasda setirleriň aralygyny bermäge mümkinçilik berýär.
7. Положение goýundy sahypalaryň aralygyna düşýän abzaslary formatlaşdyrmaga mümkinçilik berýär.




Çyzgyjyň kömegi bilen formatlaşdyrmak. Kese çyzgyç gapdal çäkleri (orunlary), tablisa orunlaryny abzasda kesgitleýär we dolandyrýar:

1. -marker abzasyň birinji setirden başga hemme setirleri üçin çep araçägini görkezýär.
2. -marker abzasyň birinji setirleriniň ýerleşýän ýerini görkezýär we abzasyň öňünde ýer goýmaga ýardam berýär.
3. Çyzgyjyň aşagyndaky gönüburçluk görnüşindäki marker dolandyryjy element bolup, (abzasyň çep araçägi) markeriň aşagynda ýerleşýär. Ol süýşürilende çep araçägiň markerleriniň ikisi bile süýşüp, olaryň aralygy(otnositel) saklanýar.
4. Sagda ýerleşýän üçburçly marker abzasyň sag çägini görkezýär.
5. Çyzgyjy tablisalaşdyrmagyň ornuny (pozisiýasyny) bermek üçin ulanmak bolar.

Tabulýasiýanyň ornuny aňladýan simwol çyzgyjyň çepinde

ýerleşýär. Ol “burç” görnüşindedir we ony basmak arkaly tekstiň şekillendiriş usuluna degişli tabulýasiýanyň simwolynyň görnüşini üýtgedip bolýar.
Saýlanan tablisalaşdyrma simwolyny çyzgyja basmak arkaly goýmak bolýar. Soňra onuň ornuny tutup çekmek arkaly üýtgetmek mümkin.
Tablisalaşdyrma simwolyny aýyrmak üçin, ony çyzgyjyň çäginden süýrekläp çykarmaly.
Tablisalaşdyrmagyň markerleriniň görnüşleri:
– çepden deňlemek üçin tablisalaşdyrmagyň orny. Görkezilen pozisiýadan başlap
tekst sagda ýerleşýär.
– merkeze deňleýän tablisalaşdyrmagyň orny.Görkezilen pozisiýa görä tekst simmetrik ýerleşýär.
– sag çäkden deňleýän tablisalaşdyrmagyň orny. Tekst görkezilen pozisiýanyň çepinden başlap görkezilen ýerde gutarýar.
– simwol boýunça deňlenýän tablisalaşdyrmagyň orny.
Mysal üçin, onluk drob görnüşindäki dürli uzynlykdaky sanlaryň sütünlerini oturlar biri-biriniň aşagyndan düşer ýaly ýazmak üçin peýdalanylýar.
Bir orundan (pozisiýadan) beýlekisine geçmek üçin, Tab we BackSpace klawişler ulanylýar. Ylym we tehnologiýa